# Türkmeniñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Türkmeniñ TÜRKMENIÑ

Oktýabryñ güneşinden nur alyp,
Bagta eýe boldy ili türkmeniñ.
Leninizm komposyndan ugr alyp,
Kommuzme barýar ýoly türkmeniñ.

Dostluk elin berdi rus gardaşy,
Bir suprada on bäş doganyñ aşy,
Beýik partiýamdan alyp gözbaşy,
Kalby joşgun bilen doly türkmeniñ.

Ýeñişe beslenen gyşy-ýazlary,
Müñ perdeden gopar aýdym-sazlary.
Okaýar, öwrenýär ogul-gyzlary,
Dürli dilde sözlär dili türkmeniñ.

Garaguma geldi Jeýhunyñ suwy,
Erkana ýüzüp ýör ördegi, guwy,
Nesilleriñ asyr boýy arzuwy,
Gülzara öwrüldi çöli türkmeniñ.

Gün geldikçe dabarasy dag aşýar,
«Ak altyn» daglary göge ulaşýar.
Watana, il-güne şan-şöhrat goşýar,
Zähmetsöýer ogul-gyzy türkmeniñ.

Egsilmez nebitiñ, gazyñ watany,
Sapaly döwranyñ baryp-ýatany.
Kommunizm – beýik maksat tutany,
Leninden nur alýar ýoly türkmeniñ.

Sabyr ÖRÄÝEW. Goşgular